# Söz manysyn biler bolsañ

Category: Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Söz manysyn biler bolsañ

SÖZ MANYSYN BILER BOLSAÑ

Dul- bu sözüñ asly, başy boş aýal maşgala berilen sypat at bolup,
Ol adamsynyñ ýa-atasynyñ duluny-ýagny törüni saklap oturan dul zenany manyda atlandyrylypdyr.

Aslynda, gadymy türki kowumlardan däp bolup gelen ,,Dula bakyp aglamak" ya-da (gödegrägem bolsa-da bagyşlañ)
,,Enesini dula bakdyraryn" ,,duluñda sünmäsiñ" ýaly ýañzytma aýtgylarynda duş gelýän ,,Dul"söziniñ gelip çykmagyna sebäb bolan bir dessur bolupdyr. Bir adam ýa zenan dünýeden gaýganda, merhumyñ ýakynlary köne esgi matalardan düwüp,örüp heýkel ýasap,sol heýkele- Tul,dul,titul -ýaly at berip, şol Dula bakyp aglapdyrlar. Haçanda zenana durmuşyny täzelände Duly terk edipdirler. Şol möhlete çenli oturmaklyga,,Dul saklamak" diýlipdir. Islam dininiñ ýaýramagy bilen bu dessurlar aradan aýrylyp,
dul sözi diñe öýüñ töri hökmünde düşünilipdir.

Sallah- bu sözüñ köki ,,Sal" sözünden alynypdyr, ýeke,ýeke sal -ýagny,agajyñ ýeke çykan şahasyna kyýas edilip(meñzedilip) alynan at.
Türki dilleriñ etimologiki sözlüginde(awtory Sewortýan)ot
ýakylýan ojaga ,,sal" ojakda düş-büş edýäne ,,Salçy, salah" diýlip at berilipdir. Bu sözlerden ojagyñ täk eýesi,jübüti ýok manyny alyp bolýar.

Türkmen dili